m_{CaCO3} = 100 gr; m_{HCl} = 73 gr; V_{CO2} = 22,4 *l*

b) Täsirleşmäniň deňlemesi boýunça 22,4 *l* CO_2 almak üçin harçlanýan $CaCO_3$ we HCl massalaryny hasaplalyň:

Deňlemä laýyklykda 22,4 *l* CO_2 almak üçin 100 gr $CaCO_3$ we 73 gr HCl harçlanýar.

ç) Indi bolsa, hekiň massasyny hasaplalyň:

80 gr $CaCO_3$ ————100 gr hekde bar

100 gr $CaCO_3$ ————x gr hekde bar

x = (100xl00)/80 = 125 kg $CaCO_3$ gerek.

d) HCl ergininiň göwrümini hasaplalyň:

m = d ·V= 1,183x1000 = 1183 gr

100 gr erginde ———— 36 gr HCl bar.

1183 gr erginde ———— x gr HCl bar

x = (1183x36)/100 = 425,88 gr HCl bar.

425,88 gr HCl ———— 1000 ml

73 gr HCl ———— x ml

x = (73x1000)/425,88 = 171,4 ml 36% HCl ergini gerek.

Meseläniň jogaby: 125 gr $CaCO_3$ we 171,4 ml 36% HCl ergini gerek.

6) Sodanyň doýan erginini gyzdyryp, onda Na_2CO_3 – iň 2 gr massasyny eredilip soňra öňki halyna çenli sowadylanda $Na_2CO_3 \cdot 10H_2O$ - iň 8,6 gr massasy çöken bolsa, onda tejribäniň şertlerinde sodanyň ereýjiligini şeýle hasaplamak mümkin:

a) Ilki bilen kristallogidratyň düzümindäki karbonatyň massa ülüşini hasaplalyň:

M_{Na2CO3} = 106 gr/mol;

$M_{Na2Co3 \cdot 10H20}$ = 286 gr/mol;

W_{Na2CO3} = 106/286 = 0,37.

b) Soňra aşakdaky atanaklaýyn shema boýunça XYZ näbellileri tapalyň:

X Z ! A

0,37 !

1,0 Y ! 2,0

8,6 gr

Ilki Z we A aňsatlyk bilen tapylar:

Z = 1,0 – 037 = 0,63

A = 8,6 – 2 = 6,6 gr

Soňra Y bahasyny aşakdaky ýaly tapylýar:
2 gr ———— 6,6 gr
Y gr ———— 0,63 gr

x = 0,37 – 0,19 = 0,18.

d) Soňky alnan ululyk doýan erginiň massa ülüşlerinde aňladylan goýulygydyr. Şol ululyga görä bolsa, ereýjiligi taparys:

Erginiň düzümindäki suwuň masasyny tapýarys:
100 – 18 = 82 gr H_2O
82 gr H_2O ——— 18 gr Na_2CO_3
100 gr H_2O ——— x gr Na_2CO_3
x = (100x18)/82 = 21,95 gr/100 gr H_2O

Meseläniň jogaby: S_{Na2CO3} = 21,95 gr/100 gr H_2O

VI baba degişli meseleleriň we gönükmeleriň çözülişi

1. NaCl we KC1 madalaryny tanamagyň birnäçe usullary bar. Şol usullaryň haýsysyny ulanýandygyňa baglylykda bu gönükmäniň jogaby dürli hili bolup biler.

Şol usullaryň iň sadalarynyň biri olaryň ýalnyň reňkini üýtgedişi boýunça tanamak usulydyr. Ýagny şol duzlaryň erginine batyrlan nihrom (elektrik togy bilen gyzdyryjy gurallaryň spiralynyň materialy) simjagazyny spirt çyrasynyň ýalnyna tutulsa, NaCl erginine batyrlany ýalny sary, KCl erginine batyrlany bolsa melewşe (fiolet) reňke boýar.

2. a) $Zn + 2HC1$ (goýy) $\longrightarrow ZnCl_2 + H_2\uparrow$

b) $Zn + H_2SO_4$ (ýuwan) $\longrightarrow ZnSO_4 + H_2\uparrow$

ç) $Zn + 2H_2O + 2OH^- \longrightarrow Zn(OH)_4^{2-} + H_2\uparrow$

d) $3Zn + 8HNO_3$ (ýuwan) $\longrightarrow 3Zn(NO_3)_2 + 2NO\uparrow + 4H_2O$

y) $4Zn + 10HNO_3$ (örän ýuwan) $\longrightarrow 4Zn(NO_3)_2 + NH_4NO_3 + 3H_2O$

k) $Zn + 4HNO_3$ (goýy) $\longrightarrow Zn(NO_3)_2 + 2NO_2\uparrow + 2H_2O$

Başky üç täsirleşmede bölünip çykýan wodorod gazyny ýakmak bilen tanap bolar. Onuň howa bilen garyndysy partlama bilen ýanýar. Onuň howanyň kislorody bilen täsirleşmesi netijesinde suw emele gelýär.

Dördünji täsirleşmede bölünip çykýan NO gazy başda reňksiz bolup, ol howa bilen galtaşanda goňrumtyl reňkli NO_2 gazyna öwrülýär.

Iň soňky täsirleşmede bölünip çykýan NO_2 bolsa goňur reňklidir.

3. Eger – de BaO 4,59 kg alýuminiý bilen täsirleşdirilende 3,8 kg Ba alnan bolsa, onda täsirleşmäniň önümleriniň çykymyny şeýle hasaplamak bolar:

a) $3BaO + 2Al \longrightarrow 3Ba + A1_2O_3$

$M_{Ba\,O} = 153$ gr/mol; $M_{Ba} = 137$ gr/mol

$m_{Ba\,O} = 459$ gr; $M_{Ba} = 411$gr.

b) 459 kg BaO ———— 411 kg Ba

4,59 kg BaO ———— x kg Ba

x = (4,59x411)/459 = 4,11 kg Ba

ç) 4,11 kg Ba ———— 100%

3,8 kg Ba ———— x %

x = (3,8x100)/4,l 1 = 92,45%

4. Täsirleşmäniň önümleriniň çykymy 94% bolanda kadaly şertlerdäki göwrümi 2,1 *l* bolan NO_2 emele gelmegi üçin goýy (şu ýerde güýçli diýip ýazylan söz goýy diýip okalmaly) azot kislotasynyň artykmaç mukdary bilen misiň näçe massasynyň täsirleşjekdigini şeýle hasaplamak bolar:

a) $Cu + 4HNO_3$ (goýy) $\longrightarrow Cu(NO_3)_2 + 2NO_2\uparrow + 2H_2O$

$M_{Cu} = 64$ gr/mol; $n_{N02} = 2$ mol $m_{Cu} = 64$ gr; $V_{N02} = 2 \cdot 22,4 = 44,8$ *l*

ç) 44,8 *l* NO_2 ———— 64 gr Cu

2,1 *l* NO_2 ———— x gr Cu

x = (2,1x64)/44,8 = 3 gr Cu

b) 3 gr ———— 94 %

x gr ———— 100%

x = (3x100)/94 = 3,2 gr Cu

5. Şu soraga jogap tapmak uçin ereýjilik tablisasyndan peýdalanmaly. Jogaplaryň diňe iki sany warianty bolup, olardan Au we Cs warianty dogrydyr. Gönükmäniň jogaby: Au we Cs.

6. Şu soraga jogap tapmak üçin ereýjilik tablisasyndan peýdalanmaly. Jogaplaryň dört sany warianty bolup, olardan diňe Mg warianty dogrudyr. (Şu gönükmäniň şertinde ýazylan başky sözler "Kümüş we ak reňkli..." däl – de kümüşsew – ak reňkli " bolmaly).

$2Mg + O_2 \longrightarrow 2MgO$

$MgO + 2HCl \longrightarrow MgCl_2 + H_2O$

$MgO + H_2SO_4 \longrightarrow MgSO_4 + H_2O$

$MgO + 2HNO_3 \longrightarrow Mg(NO_3)_2 + H_2O;$

$MgCl_2 + Na_2CO_3 \longrightarrow MgCO_3\downarrow + 2NaCl$

$MgCl_2 + Na_2SiO_3 \longrightarrow MgSiO_3\downarrow + 2NaCl$

$3MgCl_2 + 2Na_3PO_4\ Mg_3(PO_4)_2\downarrow + 6NaCl$

Gönükmäniň jogaby: Mg.

7. Düzüminde sinkiň hloridiniň 6,8 gr massasyny saklaýan erginiň üstüne, düzüminde 5 gr natriniň karbonatyny (şu ýerde "hloridi" diýen sözi kitap ýygnalanda nädogry ýazylypdyr, ony "karbonaty" diýip okamaly) saklaýan erginiň goşulanda emele gelýän çöküdiniň massasyny şeýle kesgitlemek bolar.

a) $ZnCl_2 + Na_2CO_3 \longrightarrow ZnCO_3\downarrow + 2NaCl$
$M_{ZnCl2} = 136$ gr/mol; $M_{Na2CO3} = 106$ gr/mol; $M_{ZnCO3} = 125$ gr/mol;
$m_{ZnCl2} = 136$ gr; $m_{Na2CO3} = 106$ gr; $m_{ZnCO3} = 125$ gr;

b) Ilki bilen haýsy maddanyň doly täsirleşmä girýändigini hasaplalyň.
136 gr $ZnCl_2$ ——— 106 gr Na_2CO_3
6,8 gr $ZnCl_2$ ——— x gr Na_2CO_3
$x = (6,8x106)/136 = 5,3$ gr Na_2CO_3
Diýmek $5<5,3$, onda Na_2CO_3 doly täsirleşýär diýen netije alyndy. Mundan hasaplamany Na_2CO_3 massasy boýunça geçirýäris.

ç) 106 gr Na_2CO_3 ——— 125 gr $ZnCO_3$
5 gr Na_2CO_3 ——— x gr $ZnCO_3$
$x = (5x125)/106 = 5,9$ gr $ZnCO_3$

Meseläniň jogaby: 5,9 gr $ZnCO_3$

8. Kaliý bilen haýsydyr bir aşgar metalynyň splawynyň 4,6 gr massasy suwuň artykmaç mukdary bilen täsirleşende wodorodyň 0,2 gr massasy bölünip çykan bolsa, onda splawyň hil düzümini we her bir metalyň täsirleşen massalaryny şeýle hasaplamak mümkin:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$2K + 2H_2O \longrightarrow 2KOH + H_2\uparrow$

$2X + 2H_2O \longrightarrow 2XOH + H_2\uparrow$

b) Şu deňlemedäki X ululygyň deregine aşgar metallarynyň molýar massalaryny ýeke – ýekeden goýup hasaplamak – synanyşyk we ýalňyşlyk usuly diýip atlandyrylýar. Geliň şol usul boýunça hasaplalyň. Şonda berlen şerti diňe litiniň kanagatlandyrýandygyny göreris:

$2.39x + 2.7y = 4.6$

$2x + 2y - 0,2 / x7$

$78x + 14y = 4.6$

$14x + 14y = 1,4$

$64x = 3,2$

$x = 3,2/6,4 = 0,05$ mol

$78x = 78 \cdot 0,05 = 3,9$ gr

$4,6 - 3,9 = 0,7$ gr Li

ç) $W_K = 3,9/4,6 = 0,848$ (ýa – da 84,8%);

$W_{Li}, = 0,7/4,6 = 0,152$ (ýa – da 15,2%);

Meseläniň jogaplary: $W_K = 0,848$ (ýa – da 84,8%);

$W_{Li} = 0,152$ (ýa – da 15,2%); $m_K = 3,9$ gr ; $m_{Li} = 0,7$ gr Li.

9. Berlen metal plastinkasynyň üstüni nikel bilen elektroliz usuly boýunça örtmek uçin güýji 2A deň bolan togyň näçe wagtlap göýberilmelidigini şeýle hasaplamak bolar:

a) Ilki bilen metal plastinkasynyň üst meýdanynyň we şol üsti örtmek üçin gerek bolan nikeliň massasyny hasaplalyň:

$S_{metal} = 10x10x2 = 200$ sm^2;

$m_{Ni} = 200x0.0005x8,9 = 0,89$ gr.

b) Faradeýiň birinji kanunynyň esasynda gerek bolan wagty hasaplalyň

$m = Elt/F$ (şu ýerde, m – bölünip çykan maddanyň massasy (gr); E – himiki ekwiwalent; I – toguň güýji (A); t – wagt (sek) F – Faradeýiň sany (k);

$t = (mxF)/(ExI) = (0,89x96500)/(29,5x2) = 1456$ sek.

ç) 90% ———— 1456 sek

100% ———— x sek

$x = (100x1456)/90 = 1618$ sek (ýa – da 27 min çemesi)

Meseläniň jogaby: 1618 sek.

10. Demir magdanynyň 2000 tonnasynyň düzümindäki boş jynslary baglanyşdyrmak üçin 300 tonna hek gerek bolan bolsa, onda demir magdanynyň düzümindäki garyndylaryň massa ülüşlerindäki düzümini şeýle kesgitlemek bolar:

a) Şol demir magdanynyň düzümindäki garyndy madda kremniniň oksididir diýip hasaplasak, onda täsirleşme aşakdaky ýaly geçer:

$CaCO_3 \longrightarrow CaO + CO_2\uparrow$

$M_{CaCO3} = 100$ gr/mol; $M_{CaO} = 56$ gr/mol;

$m_{CaCO3} = 100$ gr; $m_{CaO} = 56$ gr;

$SiO_2 + CaO \longrightarrow CaSiO_3$

$M_{SiO2} = 60$ gr/mol; $M_{CaO} = 56$ gr/mol;

$m_{SiO2} = 60$ gr; $m_{CaO} = 56$ gr;

b) Täsirleşmä gatnaşan hekiň massasy boýunça garyndynyň massasyny we massa ülüşlerinde düzümini hasaplalyň:

100 t $CaCO_3$ ——— 56 t CaO

300 t $CaCO_3$ ——— x t CaO

x = (300x56)/100 = 168 t CaO

56 t CaO ——— 60 t SiO_2

168 t CaO ——— x t SiO_2

x = (168x60)/56 = 180 t SiO_2

$W_{SiO2} = 180/2000 = 0.09$ (ýa – da 9%)

Meseläniň jogaby: $W_{SiO2} = 0.09$ (ýa – da 9%)

11. $MgHCO_3 + 2NaCl \longrightarrow MgCl_2 + 2NaHCO_3$

Şu soragyň üç çözgütlerini biri nahar duzunyň goýulygyny artdyrmakdyr (ereýjiliginň köpeltmek hasylyny ýa – da salyň).

Gönükmäniň jogaby: Nahar duzunyň goýulygyny artdyrmak bilen.

12. Alýumininiň düzümini natriden arassalap biljek iň amatly hlorly önüm hökmünde $AlCl_3$ hödürlemek bolar.

Gönükmäniň jogaby: $A1C1_3$.

13. Bu meseläni Faradeýiň kanunynyň esasynda çözmek mümkin:

a) m = Elt/F = (32xl,2x2400)/96500 = 0,955 gr Cu. (belgiler 9 – njy meseledäki ýaly).

Meseläniň jogaby: 0,955 gr Cu bolmaly.

HIMIÝA 9

II baba degişli meseleleriň çözlüşi:

1. Kadaly şertlerde dykyzlygy 1,965 gr/*l* deň bolan uglewodorodyň molýar massasyny Awogadronyň kanuny ýa – da Mendeleýewiň – Klapeýronyň deňlemesi boýunça hasaplamak mümkin. Ol usullaryň birinjisi has – da amatlydyr:

a) 1 *l* –––––––– 1,965 gr

22,4 *l* ———— x gr

x = (22,4x1,965)/*l* = 44 gr/mol

Bu madda C_3H_8 düzümli propana gabat gelýär.

Meseläniň jogaby: 44 gr/mol; Bu madda C_3H_8 düzümli – propan

2. Massasy 10 gr deň bolan suwsuz natriý asetatynyň natriý gidroksdi bilen täsirleşmesi netijesinde emele gelen metanyň kadaly şertlerdäki göwrümini şeýle hasaplamak mümkin:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$CH_3COONa + NaOH \longrightarrow CH_4\uparrow + Na_2CO_3$

$M_{CH3COONa} = 82$ gr/mol;1 mol

$m_{CH3COONa} = 82$ gr; $V_{CH4} = 22,4$ 1

b) Soňra emele gelen metanyň göwrümini hasaplaýarys:

82 gr CH_3COONa ———— 22,4 *l* CH_4

10 gr CH_3COONa ———— x *l* CH_4

x = (10x22,4)/82 = 2,73 *l* CH_4

Meseläniň jogaby: 2,73 *l* CH_4.

3. Alýuminiý karbidi gidroliz edilende bölünip çykan metanyň kadaly göwrümi 22,4 *l* deň bolsa onda emele gelen alýuminiý gidroksidiniň massasyny şeýle hasaplamak bolar:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$Al_4C_3 + 12H_2O \longrightarrow 4A1(OH)_3\downarrow + 3CH_4\uparrow$

$M_{Al(OH)3} = 78$ gr/mol 3 mol

$m_{Al(OH)3} = 4x78 = 312$ gr; $V_{CH4} = 22,4x3 = 67,2$ *l*

b) Indi şol maglumatlardan peýdalanyp, alýuminiý gidroksidiniň massasyny hasaplalyň:

ç) 67,2 *l* CH_4 ———— 312 gr $Al(OH)_3$

2,24 *l* CH_4 ———— x gr $A1(OH)_3$

x = (2,24x312)/67,2 = 10,4 gr $Al(OH)_3$

Meseläniň jogaby: 10,4 gr $Al(OH)_3$

4. Bugunyň wodoroda görä dykyzlygy 36 deň bolan organiki birleşmäniň 7,2 gr massasy ýakylanda uglerodyň (IV) oksidiniň 22 gr massasy we 10,8 gr suw emele gelen bolsa, onda näbelli uglewodorody şeýle kesgitlemek bolar:

a) Ilki bilen otnositel dykyzlygy boýunça näbelli maddanyň molýar massasyny tapyp, ony kesgitlemäge synanyşalyň:

M_x= 2x36 = 72 gr/mol.

b) Indi emele gelen maddalaryň massalarynyň esasynda bu maddanyň düzümindäki elementleriň mukdar gatnaşyklaryny tapmaga synanyşalyň:

M_{CO2} = 44 gr/mol;

44 gr CO_2 ———— 1 mol (C)

22 gr CO_2 ———— x mol (C)

x = (22x1)/44= 0,5 mol (C)

M_{H2O} = 18 gr/mol;

18 gr H_2O ———— 2 mol (H)

10,8 gr H_2O ———— x mol (H)

x = (10,8x1)/18= 1,2 mol (H)

C_xH_y

x:y = (0,5:1,2)xl0 =5:12; onda Maddanyň formulasy C_5H_{12} bolar (şu ýerde 10 köpeltmek drob sanlary bütin sana öwürmek maksady bilen geçirilýär.Ol san biziň talabymyzy kanagatlandyrýan islendik san bolup biler).

M_{C5H12} = 72 gr/mol, onda biziň näbelli maddamyz pentandyr.

Onuň giňişlik formulasy:

$CH_3 – CH_2 – CH_2 – CH_2 – CH_3$

b) Täsirleşmäniň deňlemesini ýazyp, meseläniň şertindäki massa gatnaşyklaryny barlap jogabyň dogrudygyna göz ýetireliň:

$C_5H_{12} + 8O_2 \longrightarrow 5CO_2 + 6H_2O$

72 gr 5x44 = 220 gr

72 gr C_5H_{12} ———— 220 gr CO_2

7,2 gr C_2H_{12} ———— x gr CO_2

x = (7,2x220)/72 = 22 gr CO_2

Alnan maglumat meseläniň dogry çözülendiginiň subutnamasydyr.

Meseläniň jogaby: C_5H_{12} (pentan).

III baba degişli meseleleriň çözülişi.

1. Eger – de alkeni kaliý permanganatynyň ergininiň artyk mukdarynyň üstünden göýberilende şol göýberilen alkeniň massasy bilen deňeşdirilende 2,07 esse köp çökündi emele gelen bolsa, onda şol näbelli alkeni aşakdaky ýaly kesgitlemek bolar: Ilki bilen täsirleşmäniň mysaly deňlemesini ýazalyň:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň mysaly deňlemesini ýazalyň:

$$3C_nH_{2n} + 2KMnO_4 + 4H_2O \longrightarrow 3C_nH_{2n}(OH)_2 + 2MnO_2\downarrow + 2KOH$$

Şu deňlemeden görnüşi ýaly massasy 3.(12n + 2n) = 42n bolan alkenden MnO_2 çöküdisiniň 2 moly emele gelýär.

Onuň massasy: $M_{MnO2} = 87$ gr/mol: $m_{MnO2} = 2x87 = 174$ gr deň.

b) Geliň indi meseläniň şertine baglylykda şeýle deňleme düzeliň:

n = 174/(42x2,07) = 2

ç) Onda: C_nH_{2n} (etan).

Meseläniň jogaby: C_2H_4 (etan).

2. Eger – de kadaly şertlerde etileniň 5,6 *l* göwrümi brom bilen täsirleşende, 1,2-dibrometanyň 42,3 gr massasy emele gelen bolsa, onda şu täsirleşmäniň praktiki çykymyny şeýle kesgitlemek bolar:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$$C_2H_4 + Br_2 \longrightarrow C_2H_4Br_2$$

1 mol $M_{C2H4Br2} = 188$ gr/mol

22,4 *l* $m_{C2H4Br2} = 188$gr

b) Şol maglumatlardan peýdalanyp, täsirleşmäniň praktiki çykymyny hasaplalyň:

22,4 *l* C_2H_4 ——— 188 gr $C_2H_4Br_2$

5,61 C_2H_4 ——— x gr $C_2H_4Br_2$

x = (5,6x188)/22,4 = 47 gr $C_2H_4Br_2$

47 gr $C_2H_4Br_2$ ——— 100%

42,3 gr $C_2H_4Br_2$ ——— x %

x = (42,3x100)/47 = 90%.

Meseläniň jogaby: 90%.

3. Kadaly şertlerde göwrümi iki litre deň bolan propeni doly ýakmak üçin howanyň näçe göwrüminiň gerekdigini aşakdaky ýaly hasaplamak bolar.

a) $2C_3H_6 + 9O_2 \longrightarrow 6CO_2 + 6H_2O$

2 mol 9 mol

2x22,4 = 44,8 litr; 9x22,4 = 201,6 litr

b) Şu maglumatlardan, hem – de howanyň düzüminde göwrümi boýunça 21% kislorodyň saklanýandygyndan ugur alyp, gerek bolan howanyň göwrümini hasaplalyň.

44,8 *l* C_3H_6 ——— 201,6 *l* O_2

2 *l* C_3H_6 ——— x *l* O_2

x = (2x201,6)/44,8 = 9 *l* O_2

9 *l* O_2 ———————— 21%
x *l* howa ————100%
x = (9x100)/21 = 42,85 litr howa gerek.

Meseläniň jogaby: 42,85 1itr howa gerek.

4. Doýan spirtden aýrylan alken massasy 51,5 gr deň bolan natriý bromidinden alnan bromowodorod bilen doly täsirleşmä giren bolsa, hem – de şol uglewodorody ýakylanda emele gelen uglerodyň (IV) oksidiniň göwrümi 44,8 1itr deň bolsa, onda haýsy spirt we onuň näçe mukdarynyň täsirleşmä gatnaşandygyny şeýle hasaplamak bolar:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň we alnan HBr massasyny hasaplalyň

$NaBr + HC \longrightarrow HBr + NaCl + NaBr$

M_{NaBr} = 103 gr/mol; M_{HBr} =81 gr/mol;

m_{NaBr} = 103 gr; m_{HBr} = 81 gr.

103 gr NaBr ———————— 81 gr HBr
51,5 gr NaBr ———————— x gr HBr
x = (51,5x81)/103 = 40,5 gr HBr

81 gr HBr ————————————1 mol
40,5 gr HBr ———————————— x mol
x = (40,5x1)/81 = 0,5 mol.

b) Indi bolsa HBr şol massasy bilen täsirleşip biljek alkeniň mukdaryny we onuň ýanmak täsirleşmesi boýunça haýsy spirtiň alnandygyny kesgitlemäge synanyşyň:

$C_nH_{2n} + HBr \longrightarrow C_nH_{2n+1}Br$

n_{HBr} = 0,5 mol (n_{CnH2n} = 0,5 mol)

$C_nH_{2n} + 1{,}5nO_2 \longrightarrow nCO_2 + nH_2O$

V_{CO2} = 44,8 *l* (2 mol)

Şu gatnaşyklardan görnüşi ýaly, n>2. Eger – de n = 2 bolsa, onda 2 mol CO_2 emele gelip bilmeýär. Eger – de n =3 baha hem biziň şertimizi kanagatlandyrmaýar.

Diňe n =4 diýip kabul etsek, agzalan şert kanagatlandyrylýar, onda:

$C_4H_8 + 6O_2 \longrightarrow 4CO_2 + 4H_2O$

1 mol C_4H_8 ýakylanda ———————— 4 mol CO_2
0,5 mol C_4H_8 ýakylanda ———————— x mol CO_2
x = 2 mol CO_2

Soňky alnan maglumata görä, başlangyç alnan spirt – C_4H_9OH – butil spirtidir.

ç) Geliň indi onuň alnan massasyny hasaplalyň:

$C_4H_9OH \longrightarrow C_4H_8 + H_2O$

$M_{C4H9OH} = 74$ gr/mol;

$M_{C4H8} = 56$ gr/mol;

Deňlemeden görnüşi ýaly, 1 mol spirtden 1 mol alken emele gelýär. Onda:

1 mol C_4H_9OH ———— 74 gr

0,5 mol C_4H_9OH ————x gr

x = (0,5x74)1 = 37 gr C_4H_9OH

Meseläniň jogaby: 37 gr C_4H_9OH

§ 16.

1. Berlen öwrülişigi amala aşyralyň:

a) $2\ CH_2=CH-CH=CH_2 + 2Br_2 \longrightarrow$

$\longrightarrow CH_2Br-CH=CH-CH_2Br + CH_2=CH-CHBr-CH_2Br$

b) $CH_2Br-CH=CH-CH_2Br + 2NaOH\ (H_2O) \longrightarrow$

$\longrightarrow CH_2OH-CH=CH-CH_2OH + 2NaBr$

ç) $CH_2OH-CH=CH-CH_2OH + H_2 \longrightarrow CH_2OH-CH_2-CH_2-CH_2OH$

d) $CH_2OH-CH_2-CH_2-CH_2OH + 2KMnO_4 \longrightarrow$

$\longrightarrow O=C-CH_2-CH_2-C=O + K_2MnO_4 + MnO_2 + H_2O$

H H

2. Bu madda winilsiklopropandyr:

a) $CH_2-CH-CH=CH_2 + Br_2 \longrightarrow CH_2-CH-CHBr-CH_2Br$

\ / \ /

CH_2 CH_2

b) $CH_2-CH-CH=CH_2 + H_2 \longrightarrow CH_3-CH_2-CH_2-CH_2-CH_3$

\ /

CH_2

§ 17.

1. Eger – de asetileniň 15,6 gr massasy hlorlywodorodyň 43,8 gr massasy bilen täsirleşen bolsa, onda täsirleşmäniň önümleriniň gurluşyny şeýle kesgitlemek bolar:

a) Asetileniň we hlorlywodorodyň mukdarlaryny hasaplalyň:

$M_{C2H2} = 26$ gr/mol;

$M_{HCl} = 36,5$ gr/mol;

26 gr C_2H_2 ———— 1 mol

15,6 gr C_2H_2 ———— x mol

x = (15,6x1)/26 = 0,6 mol C_2H_2

35,6 gr HC1 ——— 1 mol
43,8 gr HCl ——— x mol
x = (43,8x1)/36,5 = 1.2 mol HC1

b) Maddalaryň täsirleşen mukdarlarynyň esasynda täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$C_2H_2 + 2HC1 \longrightarrow C_2H_4C1_2$

Diýmek täsirleşmäniň önümi dihloretan, onuň gurluşy bolsa aşakdaky ýalydyr:

$CH_2C1 - CH_2C1$

2. Kadaly şertlerde asetileniň 5,6 *l* göwrünini almak üçin kalsiniň karbidiniň näçe massasy suw bilen täsirleşmä girmelidigini şeýle hasaplamak bolar:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$CaC_2 + 2H_2O \longrightarrow C_2H_2\uparrow + Ca(OH)_2$

M CaC_2 = 64 gr/mol; n_{C2H2} = 1 mol; m $_{CaC2}$ = 64 gr;

V $_{C2H2}$ = 22,4 *l*

b) 22,4 *l* C_2H_2 Indi CaC_2 massasyny hasaplalyň

22,4 *l* C_2H_2——— 64 gr CaC_2

5,6 *l* C_2H_2 ——— x gr CaC_2

x = (5,6x64)/22,4=16 gr CaC_2

Meseläniň jogaby: 16 gr CaC_2.

3. Täsirleşmeleriň deňlemelerini şeýle ýazylýar:

a) $CH_3 - CH=CH - CH_3 \longrightarrow CH_3 - C=C - CH_3 + H_2$

$CH_3 - CH=CH - CH_3 + Br_2 \longrightarrow CH_3 - CHBr - CHBr - CH_3$

$$CH_3\text{-}CHBr\text{-}CHBr\text{-}CH_3 + 2KOH \xrightarrow{C_2H_5OH} CH_3\text{-}C{=}C\text{-}CH_3 + 2KBr + 2H_2O$$

b) $CH_3\text{-}CH_2\text{-}CH_2\text{-}CH_2\text{-}CH_2\text{-}OH \longrightarrow CH_3\text{-}CH_2\text{-}CH_2\text{-}C{=}CH + H_2O + H_2$

ç) $CH_3\text{-}CHBr\text{-}CH_2\text{-}CH_2\text{-}CH_3 + KOH \xrightarrow{C_2H_5OH}$

$\longrightarrow CH_3\text{-}CH{=}CH\text{-}CH_2\text{-}CH_3 + KBr + H_2O$

$CH_3\text{-}CH{=}CH\text{-}CH_2\text{-}CH_3 \longrightarrow CH_3\text{-}C\text{-}CH_2\text{-}CH_3 + H_2$

$CH_3\text{-}CH{=}CH\text{-}CH_2\text{-}CH_3 + Br_2 \longrightarrow CH_3\text{-}CHBr\text{-}CHBr\text{-}CH_2\text{-}CH_3$

$$CH_3\text{-}CH_2Br\text{-}CH_2Br\text{-}CH_2\text{-}CH_3 + 2KOH \xrightarrow{C_2H_5OH} CH_3\text{-}CH{=}CH\text{-}CH_2\text{-}CH_3 + 2KBr + 2H_2O$$

4. Bu madda asetilen. Täsirleşmäniň deňlemesi şeýle ýazylýar:

$HC{=}CH + 2[Ag(NH_3)_2]CI \longrightarrow Ag - C{=}C - Ag\downarrow + 2NH_3\uparrow + H_2O$

IV baba degişli meseleleriň çözlüşi.

1. Halkalypropanyň 4 litri doly ýakylanda emele gelip biljek CO_2 we şonda harçlanjak howanyň göwrümi şeýle hasaplanýar:

a) Täsirleşmeleriň deňlemelerini şeýle ýazylyar:

$2(CH_2)_3 + 9O_2 \longrightarrow 6CO_2 + 6H_2$

$N_{(CH2)3} = 2$ mol; $n_{O2} = 9$ mol;

$n_{CO2} = 6$ mol. $V_{(CH2)3} = 44{,}8$ *l*;

$V_{O2} = 201{,}6$ *l* ; $V_{CO2} = 134{,}4$ *l*

b) 44,8 *l* $(CH_2)_3$ ——————— 134,4 *l* CO_2

4 *l* $(CH_2)_3$ ——————— x *l* CO_2

x = (4xl34,4)/44,8 = 12 *l* CO_2;

ç) 44,8 *l* $(CH_2)_3$ ——————— 201,6 *l* O_2

4 *l* $(CH_2)_3$ ——————— x *l* O_2

x = (4x201,6)/44,8 = 18 *l* O_2;

20 *l* O_2 ——————— 100 *l* howada bar

18 *l* O_2 ——————— x *l* howada bar

x = (18x100)/20 = 90 *l* howa gerek.

Meseläniň jogaplary: 12 *l* CO_2; 90 *l* howa gerek.

V baba degişli meseleleriň çözülşi.

1. Benzolyň 78 gr massasy bromirlenende brombenzolyň 80 gr massasy alnan bolsa, onda täsirleşmäniň önümininiň praktiki çykymyny şeýle hasaplap bolar:

a) Täsirleşmäniň deňlemesi şeýle ýazylýar:

$C_6H_6 + Br_2 \longrightarrow C_6H_5Br + HBr$

$M_{C6H6} = 78$ gr/mol;

$M_{C6H5Br} = 157$ gr/mol;

$m_{C6H6} = 78$ gr; $m_{C6H5Br} = 157$ gr;

b) 157 gr C_6H_5Br ——————— 100%

80 gr C_6H_5Br ——————— x % $_x$ %

x =(80x100)/157 = 50,95%.

Meseläniň jogaby: 50,95%.

2. Dykyzlygy 0,88 gr/sm^3 deň bolan benzolyň 1 *l* göwrümini doly ýakmak üçin gerek boljak kislorodyň we howanyň göwrümlerini şeýle hasaplamak bolar:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesi şeýle ýazalyň:

$2C_6H6 + 15O_2 \longrightarrow 12CO_2 + 6H_2O$

$M_{C6H6} = 78$ gr/mol;

$n_{O2} = 15$ mol;

$m_{C6H6} = 156$ gr;

V_{O2} = 336 *l*;

b) Benzolyň berlen göwrüminiň massasynyň hasaplalyň:

m = d ·V = 0,88•1000 = 880 gr

ç) 356 gr C_6H_6 –––––––– 336 *l* O_2

880 gr C_6H_6 –––––––– x *l* O_2

x = (880x336)/156 = 1895,38 *l* O_2

d) 100 *l* howada –––––––– 21 *l* O_2 bar.

X *l* howada ––––––––1895,38 *l* O_2

x = (1895,38x100)/21 = 9025,6 1*l* O_2

Meseläniň jogaby: 1895,38 O_2; 9025,6 1 *l* howa gerek.

3. Deňlemeler aşakdaky ýaly ýazylýar:

a) CH_3-CH_2-CH_2-CH_2-CH_2-CH_3+Cl_2 ⟶

⟶ CH_2Cl-CH_2-CH_2-CH_2-CH_2-CH_2Cl + 2HC1

b) CH_2Cl-CH_2-CH_2-CH_2-CH_2-CH_2C1 + 2Na ⟶ 2NaCl + C_6H_{12}

ç) C_6H_{I2} ⟶ C_6H_6 + $3H_2$

d) C_6H_6 + $3H_2$ ⟶ C_6H_{12}

4. A – geptan; B – toluol ; C – trinitrotoluol

a) CH_3-CH_2-CH_2-CH_2-CH_2-CH_2-CH_3 ⟶ $C_6H_{11}CH_3$ + H_2

b) C_6H_{11}– CH_3 ⟶ C_6H_5-CH_3 + $3H_2$

9) C_6H_5-CH_3 + $3HNO_3$ ⟶ $C_6H_5(NO_2)_3$ -CH_3 + $3H_2$

Gönükmäniň jogaby: A – geptan; B – toluol ; C – trinitrotoluol.

VI baba degişli meseleleriň çözlüşi.

1. Düzümi 90% metandan, 5% etandan, 3% propandan we 2% azotdan ybarat bolan gaz garyndysyny doly ýakmak üçin kislorodyň we howanyň näçe göwrümleriniň gerekdigini şeýle hasaplamak mümkin:

a) Ilki bilen ýanyjy gazlaryň ýanmak täsirleşmeleriniň deňlemelerini ýazalyň:

CH_4 + $2O_2$ ⟶ CO_2 + $2H_2O$

$2C_2H_6$ + $7O_2$ ⟶ $4CO_2$ + $6H_2O$

C_3H_8 + $5O_2$ ⟶ $3CO_2$ + $5H_2O$

b) Şu deňlemelerden görnüşi ýaly, täsirleşýän gaz şekilli maddalaryň kadaly şertlerdäki göwrüm gatnaşyklary degişli täsirleşmeleriň stehiometrik koeffisiýentlerine deňdir.

Onda gerek bolan kislorodyň göwrümini şeýle hasaplamak bolar:

1 m^3 CH_4 ———— 2 m^3 O_2

0,9 m^3 CH_4 ———— x m^3 O_2

x = (0,9x2)/1 = 1,8 m^3 O_2

2 m^3 C_2H_6 ———— 7 m^3 O_2

0,05 m^3 C_2H_6 ———— x m^3 O_2

x = (0,05x7)/2 = 0,175m^3 O_2

1 m^3 C_3H_8 ———— 5 m^3 O_2

0,03 m^3 C_3H_8 ———— x m^3O_2

x = (0,03x5)/1 =0,15 m^3 O_2

Kislorodyň tapylan göwrümlerini jemleýäris:

1,8 + 0,175 + 0,15 = 2,125 m^3 O_2

ç) Indi gerek bolan howanyň kadaly şertlerdäki göwrümini şeýle hasaplaýarys:

100 m^3 howada ———— 21 m^3 O_2 bar

x m^3 howa ———— 2,125 m^3 O_2

x = (100x2,125)/21 = 10,119 m^3 howa gerek.

Meseläniň jogaplary: 2,125 m^3 O_2; 10,119 m^3 howa gerek.

2. Näbelli uglewodorodyň käbir massasy ýakylanda 7,7 gr CO_2 we 3,6 gr H_2O emele gelen bolsa, onda ol uglewodorodyň formulasyny şeýle tapmak bolar:

a) Ilki bilen ýanyjy gazyň ýanmak täsirleşmesiniň mysaly deňlemesini ýazalyň:

$C_xH_y + (x+1/4)O_2 \longrightarrow x\ CO_2 + 1/2y\ H_2O$

M_{CO2} = 44 gr/mol; M_{H2O} = 18 gr/mol

b) Şonda emele gelen maddalaryň massalary boýunça näbelli maddany kesgitläliň:

44 gr CO_2 ———— 12 gr (C) bar

7,7 gr CO_2 ———— x gr (C) bar

x = (7,7x12)/44 = 2,1 gr (C) bar

18 gr H_2O ———— 2 gr (H) bar

3,6 gr H_2O ———— x gr (H) bar

x = (3,6x2)/18 = 0,4 gr (H) bar

2,1 + 0,4 = 2,5 gr näbelli madda

2,5 gr ———— 100%

2,1 gr (C) ———— x %

x=(2,1x100)/2,5 = 84% (C)

2,5 gr ––––––––– 100%
0,4 gr (H) ––––––– x %
x= (0,4x100)/2,5 = 16% (H)

X:Y = (84/12):(16/1) =7:16;
X = 7; Y = 16. Onda näbelli madda C_7H_{16} (geptan) bolar.

ç) Indi hakyky deňlemäni ýazyp, geptanyň täsirleşmä gatnaşan massasyny hasaplaýarys.

$C_7H_{16} + 11O_2 \longrightarrow 7CO_2 + 8H_2O$

M_{C7H16} = 100 gr/mol;
M_{CO2} = 44 gr/mol;
M_{H2O} = 18 gr/mol
m_{C7H16} = 100 gr;
m_{CO2} = 44x7=308 gr;
m_{H2O} = 18x8 = 144 gr.

100 gr C_7H_{16} ––––––––––– 308 gr CO_2
x gr ––––––––––––– 7,7 gr CO_2
x=(7,7x100)/308 = 2,5 gr C_7H_{16}
Meseläniň jogaplary: Näbelli madda C_7H_{16} (geptan); 2,5 gr C_7H_{16}

VII baba degişli meseleleriň çözlüşi.

1. Göwrümi 10 *l* deň bolan gapda etileniň haýsydyr bir gaz (düzüminde ikili baglanyşyk saklamaýan uglewodorod) bilen garyndysy bilen bromyň 16 gr massasy täsirleşmä giren bolsa, onda garyndynyň düzümindäki etileniň massasyny şeýle hasaplamak bolar:

2. a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$C_2H_4 + 3Br_2 \longrightarrow C_2H_4Br_2$

n_{C2H4} = 1 mol; M_{Br2} =160 gr/mol;
V_{C2H4} = 22,4 1; m_{Br2} =160 gr.

b) Täsirleşmäniň deňlemesi boýunça bromyň 16 gr massasy bilen täsirleşen etileniň göwrümini şeýle hasaplaýarys:

22,4 C_2H_4 ––––––– 160 gr Br_2
x 1 C_2H_4 ––––––– 16 gr Br_2
x = (22,4x16)/60 = 2,24 *l* C_2H_4

ç) Indi bolsa, garyndynyň düzümindäki etileniň göwrüm ülüşlerini hasaplalyň:

101 garyndy ––––––––– 100%
2,24 *l* C_2H_4 ––––––––– x %
x = (2,24x100)/10 = 22,4%.
Meseläniň jogaby: 22,4 % C_2H_4 bar.

3. Fenolyň 9,4 gr massasynda 2,4,6 – tribromfenolyň näçe massasynyň alnyp bilinjekligini şeýle hasaplamak bolar:

4. a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$C_6H_5OH + 3Br_2 \longrightarrow C_6H_2Br_3 + 3HBr$

$M_{C6H5OH} = 94$ gr/mol;

$M_{C6H2Br3} = 331$ gr/mol;

$m_{C6H5OH} = 94$ gr;

$m_{C6H2Br3} = 331$ gr.

b) Indi bolsa, önümiň massasyny hasaplalyň:

94 gr C_6H_5OH —————— 331 gr $C_6H_2Br_3$

9,4 gr C_6H_5OH —————— x gr $C_6H_2Br_3$

x = (9,4x331)/94 = 33,1 gr $C_6H_2Br_3$ emele geler.

Meseläniň jogaby: 33,1 gr $C_6H_2Br_3$ emele geler.

VIII baba degişli meseleleriň çözlüşi.

§ 18.

1. Näbelli spirtiň düzüminde 52,18% C, 13,04% H we 34,78% O bar bolsa, onda onuň mysaly formulasyny we molýar masasyny şeýle kesgitläp bolar:

a) $C_xH_yO_z$

X = n_C = 52,38/12 = 4,3483 mol

Y= n_H= 13,04/1 = 13,04 mol

Z= n_O = 34,78/16 = 2,17375 mol.

X:Y:Z = (4,3483/2,17375):(13,04/2,17375):(2,17375/2,17375) = 2:6:1.

Diýmek näbelli maddanyň massaly formulasy C_2H_6O ýa – da C_2H_5OH – etil spirti bolar.

b) Bu maddanyň molýar massasy = 46 gr/mol.

Meseläniň jogaplary: C_2H_5OH; $M_{C2H5OH} = 46$ gr/mol.

2. Kadaly şertlerde uglerodyň (II) oksidiniň 11,2 *l* göwrüminden metanolyň näçe massasynyň alnyp bilinjekligini şeýle hasaplamak mümkin:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$CO + 2H_2 \rightleftharpoons CH_3OH$

$n_{CO} = 1$ mol; $M_{CH3OH} = 32$ g/mol.

$V_{CO} = 22,4$ *l*; $m_{CH3OH} = 32$ gr.

b) Hasaplamalaryň üsti bilen spirtiň massasy şeýle tapylýar:

22,4 *l* CO —————— 32 gr CH_3OH

11,2 *l* CO —————— x gr CH_3OH

x = (11,2x32)/22,4 = 16 gr CH_3OH

Meseläniň jogaplary: m_{CH3OH} = 16 gr.

3. Etanolyň 9,5 gr massasy bilen natriniň 4,6 gr massasy täsirleşdirilende kadaly şertlerde wodorodyň näçe göwrümi bölünip çykjakdygyny şeýle hasaplamak bolar:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$$2C_2H_5OH + 2Na \longrightarrow 2C_2H_5ONa + H_2\uparrow$$

M_{C2H5OH} = 46 gr/mol; M_{Na} = 23 gr/mol;
n_{H2} = 1mol; m_{C2H5OH} = 46x2=92 gr;
m_{Na} = 23x2=46 gr; V_{H2} = 22,4 *l*.

b) Bölünip çykjak wodorodyň göwrümi şeýle hasaplanýar:

92 gr C_2H_5OH —————— 46 gr Na
9,5 gr C_2H_5OH —————— x gr C_2H_5OH
x=(9,5x46)/92 = 4,75 gr Na

4,75 gr Na > 4,6 gr Na. Şeýlelikde natriý täsirleşmä doly girýär. Şol madda boýunça önümiň mukdary hasaplanýar.

ç) 46 gr Na —————— 22,4 *l* H_2
4,6 gr Na —————— x *l* H_2
x = (4,6x22,4)/46 = 2,24 *l* H_2

§ 19.

Meseläniň jogaplary: 2,24 *l* H_2

1. Düzüminde 2% garyndy saklaýan tripalmitiniň 100 gr masasyny kaliý gidroksidiniň gerek bolan ýeterli mukdary bilen täsirleşdirilende gliseriniň näçe masasynyň emele geljekdigi şeýle hasaplanýar:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$$\begin{array}{l} C_{15}H_{31}COO - CH_2 \\ | \\ C_5H_{31}COO - CH \\ | \\ C_5H_3COO - CH_2 \end{array} + 3KOH \longrightarrow 3C_5H_3COOK + \begin{array}{l} HO - CH_2 \\ | \\ HO - CH \\ | \\ HO - CH_2 \end{array}$$

$M_{tnstearin}$ = 770 gr/mol; $M_{gliserin}$= 92 gr/mol.

$m_{tristearin}$ = 770 gr; $m_{gliserin}$= 92 gr.

b) Garyndynyň masasyny hasaplap ony umumy massadan aýralyň:

100 gr —————— 100%
2 gr —————— x %
x = (2x100)/100 = 2gr
100 – 2 = 98 gr tristearin.

ç) Emele gelip biljek gliseriniň massasyny hasaplalyň:

770 gr tristearin ———————— 92 gr gliserin
98 gr tristearin ———————— x gr gliserin
x = (98x92)/770 = 11,7 gr gliserin.

Meseläniň jogaby: 11,7 gr gliserin.

2. Gliseriniň 3,6 gr massasyna natriniň artykmaç mukdary täsir etdirilse kadaly şertlerde wodorodyň näçe göwrüminiň bölünip çykjakdygyny şeýle hasaplap bolar:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$$\begin{array}{l} HO-CH_2 \\ | \\ 2\ HO-CH \\ | \\ HO-CH_2 \end{array} + 6Na \longrightarrow \begin{array}{l} Na-O-CH_2 \\ | \\ 2\ Na-O-CH \\ | \\ Na-O-CH_2 \end{array} + 3H_2\uparrow$$

$M_{gliserin} = 92$ gr/mol; $n_{H2} = 3$ mol.

$m_{gliserin} = 92$ gr; $V_{H2} = 67,2$ l.

b) Bölünip çykjak wodorodyň göwrümini şeýle hasaplamak bolar.
92 gr gliserin ———————— 67,2 *l* H_2
3,6 gr gliserin ———————— x *l* H_2
x = (3,6x67,2)/92 = 2,63 *l* H_2

Meseläniň jogaby: 2,63 *l* H_2.

§ 20.

1. Massasy 28,2 gr deň bolan fenoly bromirlenende 79,4 gr çöküdi emele gelen bolsa, onda täsirleşmäniň önümliniň çykymyny şeýle hasaplamak bolar.

a) Ilki bilen täsirlesmäniň deňlemesini ýazalyň:
$C_6H_5OH + 3Br_2 \longrightarrow C_6H_2(Br)_3OH\downarrow + 3HBr$
$M_{C6H5OH} = 94$ gr/mol; $M_{C6H2(Br)3OH} = 327$ gr/mol.
$m_{C6H5OH} = 94$ gr; $m_{C6H2(Br)3OH} = 327$ gr.

b) Täsirleşmäniň çykymyny hasaplalyň:
94 gr C_6H_5OH ———————— 327 gr $C_6H_2(Br)_3OH$
28,2 gr C_6H_5OH ———————— x gr $C_5H_2(Br)_3OH$
x = (28,2x327)/94 = 98,1 gr $C_6H_2(Br)_3OH$ 3

98,1 gr ———————— 100
79,4 gr ———————— x %
x = (79,4x100)/98,1 = 80,9%

Meseläniň jogaby: 80.9%.

2. Fenolyň 18,8 gr massasyny nitrirlemek üçin azot kislotasynyň näçe massasynyň gerekdigini şeýle hasaplamak bolar:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$C_6H_5OH + 3HNO_3 \longrightarrow C_6H_2(NO_2)_3OH + 3H_2O$

$M_{C6H5OH} = 94$ gr/mol;

$M_{HNO3} = 63$ gr/mol;

$m_{C6H5OH} = 94$ gr;

$m_{HN03} = 63x3 = 189$ gr.

b) Gerek bolan azot kislotasynyň massasyny hasaplalyň:

94 gr C_6H_5OH ———— 189 gr HNO_3

18,8 gr C_6H_5OH ———— x gr HNO_3

$x = (18,8x189)/94 = 37,8$ gr HNO_3 gerek.

Meseläniň jogaby: 37,8 gr HNO_3 gerek.

3. Natriniň fenolýatynyň 25% – li ergininiň 1500 gr massasyndan fenolyň näçe massasyny alyp boljakdygyny şeýle hasaplamak bolar:

a) Ilki bilen ergindäki fenolýatyň massasyny hasaplalyň:

100 gr erginde ———— 25 gr fenolýat bar

1500 gr erginde ———— x gr fenolýat bar

$x = (1500x25)/1500 = 375$ gr fenolýat bar.

b) Indi bolsa täsirleşmäniň deňlemesini ýazyp, emele geljek önümiň massasyny hasaplalyň:

$C_6H_5ONa + H_2SO_4 \longrightarrow C_6H_5OH + NaHSO_4$

$M_{C6H5ONa} = 116$ gr/mol;

$M_{C6H5OH} = 94$ gr/mol;

$m_{C6H5ONa} = 116$ gr;

$m_{C6H5OH} = 94$ gr.

116 gr C_6H_5ONa ———— 94 gr C_6H_5OH

375 gr C_6H_5ONa ———— x gr C_6H_5OH

$x = (375x94)/116 = 303,87$ gr C_6H_5OH.

Meseläniň jogaby: 303,87 gr C_6H_5OH.

IX baba degişli meseleleriň çözlüşi.

1. Katalitiki gidrirlenende ikilenji butil spirtini emele getirýän C_4H_8O düzümli madda bu metil – etilketondyr:

a) $CH_3 – CO – C_2H_5 + H_2 \longrightarrow CH_3 – \underset{\underset{OH}{|}}{CH} – CH_2 – CH_3$

Gönüikmäniň jogaby: Bu metal – etilketondyr.

2. Ol täsirleşmeler şeýle ýazylýar:

a) $CaC_2 + 2H_2O \longrightarrow C_2H_2 \uparrow + Ca(OH)_2$

b) $C_2H_2 + H_2O + [Hg^{2+}] \longrightarrow CH_3 - \underset{\displaystyle H}{\underset{|}{C}} = O + Ag\downarrow + [NH_3]$

ç) $CH_3 - \underset{\displaystyle H}{\underset{|}{C}} = O + Ag_2O + [NH_3] \longrightarrow CH_3 - \underset{\displaystyle OH}{\underset{|}{C}} = O + Ag\downarrow + [NH_3]$

Gönükmäniň jogaplary: Asetilen; asetaldegid; sirke kislotasy.

3. A madda – etilendir. Etileni okislendirilende W mada – asetaldegig emele gelýär.

$C_2H_4 + [O] + [Pd + CuCl_2] \longrightarrow CH_3 - \underset{\displaystyle H}{\underset{|}{C}} = O + [Pd + CuCl_2]$

$CH_3 - \underset{\displaystyle H}{\underset{|}{C}} = O + H_2 + [Pt] \longrightarrow CH_3 - CH_2 - OH + [Pt]$ (S madda – etil spirtidir.)

$CH_3 - \underset{\displaystyle H}{\underset{|}{C}} = O + 2Cu(OH)_2 \longrightarrow CH_3 - \underset{\displaystyle OH}{\underset{|}{C}} = O + Cu_2O + 2H_2O$

(D madda – sirke kislotasydyr).

4. Etileni okislendirilende kadaly şertlerde 5,6 *l* kislorod harçlanan bolsa, onda emele gelen asetaldegidiň massasyny şeýle hasaplamak bolar:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$2C_2H_4 + O_2 + [Pd + CuCl_2] \longrightarrow 2CH_3 - C=O + [Pd + CuCl_2]$

n_{O2} =1 mol; $M_{asetaldegid}$ = 54 gr/mol.

V_{O2} = 22,4 l; $m_{asetaldegid}$ = 108 gr.

b) Emele gelen asetaldegidiň massasyny hasaplalyň:

22,4 *l* O_2 ———— 108 gr asetaldegid

5,6 *l* O_2 ———— x gr asetaldegid

x = (5,6x108)/22,4 = 27 gr asetaldegid.

Meseläniň jogaby: 27 gr asetaldegid.

§ 21.

1. Etanolyň 92 gr massasyny okislendirip, dykyzlygy 1,07 gr/sm^3 deň bolan 70% sirke kislotasynyň näçe göwrümini (ml) alnyp bilinjekdigini şeýle hasaplamak bolar:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$CH_3 – CH_2 – OH + [O] \longrightarrow CH_3COOH$

$M_{C2H5OH} = 46$ gr/mol; $M_{CH3COOH} = 62$ gr/mol.

$m_{C2H5OH} = 46$ gr; $m_{CH3COOH} = 62$ gr.

b) Sirke kislotasynyň emele geljek massasyny hasaplalyň:

46 gr $CH_3 – CH_2 – OH$ —————— 62 gr CH_3COOH

92 gr $CH_3 – CH_2 – OH$ —————— x gr CH_3COOH

x = (92x62)/46 = 124 gr CH_3COOH.

ç) Erginiň massasyny hasaplalyň:

70 gr CH_3COOH —————— 100 gr ergin

124 gr CH_3COOH —————— x gr ergin

x = (124x100)/70= 177,14 gr ergin.

d) Indi kislotanyň ergininiň göwrümini hasaplalyň:

V = m/d = 177,14/1,07= 165,55 ml.

Meseläniň jogaby: 165,55 ml CH_3COOH.

2. a) $CH_3\text{-}CH_2\text{-}OH+[O] \longrightarrow CH_3COOH + NaOH + CH_3COONa + H_2O$

b) $CH_3COOC_2H_5 + H_2O \longrightarrow CH_3COOH + CH_3 – CH_2 – OH$

ç) $CH_3 – CH_2 – OH+ [O] \longrightarrow CH_3COOH$

d) $CH_3COONa + HC1 \longrightarrow CH_3COOH + NaCl$

e) $CH_3COOH + CH_3 – CH_2 – OH \longrightarrow CH_3COOC_2H_5 + H_2O$

y) $CH_3COONa + HCl \longrightarrow CH_3COOH + NaCl$

k) $CH_3COOC_2H_5 + H_2O \longrightarrow CH_3COOH + CH_3 – CH_2 – OH$

2. 30 kg sirke kislotasyny almak üçin kadaly şertlerde butanyň näçe göwrümi gerekdigini şeýle hasaplap bolar:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$2CH_3 – CH_2 – CH_2 – CH_3+5_2 \longrightarrow 4CH_3COOH+2H_2O$

$n_{butan} = 2$ mol; $M_{CH3COOH} = 62$ gr/mol.

$V_{butan} = 22,4x2 = 44,8$ *l*; $m_{CH3COOH} = 62x4 = 248$ gr.

b) Indi bolsa butanyň göwrümini hasaplalyň:

248 gr CH_3COOH —————— 44,8 *l* C_4H_{10}

30000 gr CH_3COOH —————— x *l* C_4H_{10}

x = (30000x44,8)/248 = 5419,35 *l* C_4H_{10}

Meseläniň jogaby: 5419,35 *l* C_4H_{10}

4. A madda — bu sabyn. Eger – de biz sabyny stearin kislotasynyň nariý duzydyr diýip hasaplasak, onda täsirleşmeleriň deňlemelerini şeýle ýazmak bolar:

$C_{17}H_{35}COONa + HC1 \longrightarrow C_{17}H_{35}COOH\downarrow + NaCl$

$2C_{17}H_{35}COONa + CaBr_2 \longrightarrow (C_{17}H_{35}COO)Ca\downarrow + 2NaBr$

X baba degişli meseleleriň çözlüşi.

1. Wodoroda görä dykyzlygy 30 deň bolan efiriň gurluşyny kesgitlemek üçin ilki bilen onuň molýar massasyny we formulasyny tapalyň:

a) $M = 2D_{H2} = 2x30 = 60$ g/mol. Bu madda garynja – metil efirine gabat gelýär.

b) Bu maddanyň gurluşy şeýledir:

$$H - C = O$$
$$|$$
$$O - CH_3$$

2. Molýar massasy 130 deň bolan efiriň haýsy efirdigini şeýle kesgitlemek bolar:

a) Ilki bilen kislota galyndysynyň molýar massasyny tapalyň:

$59,66/108 = 40,34/x$

$x = (108x40,34)/59,66 = 73$ gr/mol.

Molýar massasy 73 gr/mol molýar massaly galyndy propion kislotasynyň kislota galyndysyna gabat gelýär.

b) 330 – 73 = 67 gr/mol spirt galyndysyna degişli bolar. Şol massa iki hili gurluş, ýagny bir sany üçin we iki sany ikili baglanyşykly spirt galyndylary degişli bolup bilerler. Olaryň haýsysynyň hakykata gabat gelýändigini bolsa spirtiň häsiýetleri boýunça kesgitieýäris:

ç) Galogenwodorodyň aňsatlyk bilen birleşýändigi baradaky maglumat esasynda ol iki sany ikili baglanyşykly spirt galyndysydyr diýen netijä gelip bileris.

Diýmek massasy 130 deň bolan efir – bu

$C_2H_5COO - CH_2 - CH = CH - CH = CH_2$

Meseläniň jogaby: $C_2H_5COO - CH_2 - CH = CH - CH = CH_2$

3. Massasy 331,5 gr deň bolan trioleat aşgar bilen täsirleşdirilende gliseriniň näçe massasynyň emele geljekdigini şeýle hasaplamak bolar:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$$\begin{array}{l} C_{17}H_{33}COO - CH_2 \\ | \\ C_{17}H_{33}COO - CH + 3KOH \longrightarrow 3C_{17}K_{33}COO + HO - CH \\ | \\ C_{17}H_{33}COO - CH_2 \end{array} \qquad \begin{array}{l} HO - CH_2 \\ | \\ \\ | \\ HO - CH_2 \end{array}$$

$M_{\text{triolein}} = 884$ gr/mol; $M_{\text{gliserin}} = 92$ gr/mol.

$m_{\text{tnolein}} = 884$ gr; $m_{\text{gliserin}} = 92$ gr.

b) Emele gelip biljek gliseriniň massasyny hasaplalyň:

884 gr trioleat ———————— 92 gr gliserin
331,5 gr trioleat ———————— x gr gliserin
x = (331,5x92)/884=34,5 gr gliserin.

Meseläniň jogaby: 34,5 gr gliserin.

3. Eger – de ýagyň 356 gr massasy gidroliz edilende 36,8 gr gliserin emele gelen bolsa, onda ýagyň gurluş formulasyny şeýle kesgitläp bolar:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$$\begin{array}{l} R-COO-CH_2 \\ \quad\quad | \\ R-COO-CH \\ \quad\quad | \\ R-COO-CH_2 \end{array} + 3KOH \longrightarrow 3C_{17}H_{33}COOK + \begin{array}{l} HO-CH_2 \\ \quad | \\ HO-CH \\ \quad | \\ HO-CH_2 \end{array}$$

$M_{\text{tristearin}}$ = X gr/mol; M_{gliserin} = 92 gr /mol;
$m_{\text{tristearin}}$ = 356 gr; m_{gliserin} = 36,8 gr.

b) Şu maglumatlardan peýdalanyp, ýadyň molýar massasyny tapalyň:
36,8 gr gliserin ———————— 356 gr ýag
92 gr gliserin ———————— x gr ýag
x = (92x356)/36,8 = 890 gr/mol

ç) Molýar massasy 890 deň bolan ýag – bu tristearindir. Onuň gurluş formulasy aşakdaky ýalydyr:

$$\begin{array}{l} C_{17}H_{35}COO-CH_2 \\ \quad\quad | \\ C_{17}H_{35}COO-CH \\ \quad\quad | \\ C_{17}H_{35}COO-CH_2 \end{array}$$

Meseläniň jogaby: tristearin.

XI baba degişli meseleleriň çözülşi.

1. Düzümi $C_3H_6O_3$ bolan bu madda – gliserin aldegididir.

$$\begin{array}{l} H \\ | \\ C=O \\ | \\ H-C-OH \\ | \\ CH_2OH \end{array} + 2Na \longrightarrow \begin{array}{l} H \\ | \\ C=O \\ | \\ H-C-ONa \\ | \\ CH_2ONa \end{array} + H_2\uparrow$$





2. Glýukoza bilen fruktozanyň garyndysynyň 270 gr massasyny emele getirip biljek saharozanyň massasyny şeýle hasaplamak mümkin:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazmaly:

$C_{12}H_{22}O_{11} + H_2O \longrightarrow C_6H_{12}O_6 + C_6H_{12}O_6$

glýukoza fruktoza

b) Glýukoza bilen fruktozanyň bilelikdäki massasyndan suwuň massasyny aýyrsak saharozanyň massasy gelip çykar:

ç) 270 – 18 = 252 gr $C_{12}H_{22}O_{11}$

Meseläniň jogaby: 252 gr $C_{12}H_{22}O_{11}$

3. Eger – de düzüminde 20% krahmal bar bolsa, onda kartofeliň 1620 kg massasyndan çykym 75% deň bolanda alnyp bilinjek glýukozanyň massasyny şeýle hasasplap bolar:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$(C_6H_{10}O_5)_n + nH_2O \longrightarrow nC_6H_{12}O_6$

$M_{(C6H10O5)n(eger\ n\ =2\ bolsar)} = 162x2 = 324$ gr/mol;

$M_{C6H12O6} = 180$ gr/mol;

$m_{(C6HI0O5)n(eger\ n\ =\ 2\ bolsa)} = 162x2 = 324$ gr;

$m_{C6H12O6} = 360$ gr.

b) Cykymy hasaba alyp, krahmalyň massasyny hasaplalayň:

100 kg kartofelde——————— 20 kg krahmal bar
1620 kg kartofelde——————— x kg krahmal bar
x = (1520x20)/100 = 304 kg kramal bar.

304 kg krahmal ——————— 100%
x kg ——————————— 75%
x = (304x75)/100 = 228 kg krahmal.

ç) 324 kg krahmaldan ————— 360 kg glýukoza alnýar
228 kg krahmaldan ———— x kg $C_6H_{12}O_6$
x = (228x360)/324 = 253.33 kg $C_6H_{12}O_6$

Meseläniň jogaby: 253,33 kg $C_6H_{12}O_6$

4. A madda – seliýulozadyr.
a) $[C_6H_7O_2(OH)_3]_n + 3n\ HNO_3 \longrightarrow [C_6H_7O_2(ONO_2)_3]_n + 3nH_2O$
b) $[C_6H_7O_2(OH)_3]n + 3n(CH_3CO)_2O \longrightarrow [C_6H_7O_2(OOCCH_3)_3]_n +$
$+ 3nCH_3COOH$
Şeýlelikde B madda – sellýulozanyň trinitro efiridir;
S – madda bolsa, sellýulozanyň triasetatydyr.

XII baba degişli meseleleriň çözlüşi.

1. Ol täsirleşmeleriň deňlemeleri şeýle ýazylýar:
a) $CaC_2 + 2H_2O \longrightarrow C_2H_2\uparrow + Ca(OH)_2$

b) $3C_2H_2 \longrightarrow C_6H_6$

ç) $C_6H_6 + HNO_3 \longrightarrow C_6H_5NO_2 + H_2O$

d) $C_6H_5NO_2 + 6H \longrightarrow C_6H_5NH_2 + 2H_2O.$

2. Dimetilamiň bilen etilaminiň massasy 20 gr deň bolan garyndysynyň kadaly şertlerde HCl näçe göwrümi bilen täsirleşip biljegini şeýle hasaplamak bolar:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$(CH_3)_2NH + HC1 \longrightarrow [(ÇH_3)_2NH_2]^+ Cl^-$
$C_2H_5NH_2 + HC1 \longrightarrow [C_2H_5NH_2]^+ Cl^-$
$M_{(CH3)2NH} = 45$ gr/mol; $M_{C2H5NH2} = 45$ gr/mol;
$n_{HCl} = 1$ mol; $m_{(CH3)2NH} = 45$ gr; $V_{HCI} = 22{,}4$ 1.

b) Aminleriň molýar massalary meňzes bolany üçn olaryň haýsysynyň näçe masasynyň alnandygyna garamazdan täsirleşmä harçlanan HCl göwrümi üýtgemeýär. Onda:

45 gr garyndy ———— 22,4 *l* HCl
20 gr garyndy ———— x *l* HCl
x = (20x22,4)/45 = 9,95 *l* HCl
Meseläniň jogaby: 9,95 *l* HCl

3. $C_4H_{11}N$ – düzümli birilenji aminleriň ähliside shematik formulalaryny şeýle ýazmak bolar:

$CH_3 – CH_2 – CH_2 – CH_2 – NH_2$ – butilamin

$CH_3 – CH(CH_3) – CH_2 – NH_2$ – 2 – metal – propilamin

$CH_3 – CH_2 – CH(CH_3) – NH_2$ – 1 – metil – propilamin

4. Düzüminde 15,73% azot bolan α – aminokislota bu – ç – aminopropion kislotasydyr.

Ýagny:

15,73/14 =84,27/x; x = (14x84,27)/15,73 = 75 gr/mol.

Deňlemeden tapylan näbelli san aminopropion kislotasyndaky beýleki böleginiň molýar massasyna gabat gelýär. Onuň çylşyrymly efiri hökmünde şeýle mysaly getirmek bolar:

$CH_3 – CH(NH_2) – COO – CH_3$

XIII baba degişli meseleleriň çözlüşi.

1. $CH_2(NH_2) – COONa + HCl \longrightarrow CH_2(NH_2) – COOH + NaCl$

2. $BrH_3NCH_2COOC_2C_6H_5 + NaOH \longrightarrow NaBr + H_2NCH_2COOC_6H_5 + H_2O$

$H_2NCH_2COOCH_2C_6H_5 + H_2O \longrightarrow CH_2(NH_2) – COOH + HO – CH_2C_6H_5$

3. $CH_2(NH_2) – COOH + HBr \longrightarrow BrH_3NCH_2COOH$

4. $BrH_3NCH_2COOCH_2C_6H_5 + NaOH \longrightarrow NaBr + H_2NCH_2COOCH_2C_6H_5 + H_2O$

$H_2NCH_2COOCH_2C_6H_5 + H_2O \longrightarrow CH_2(NH_2) – COOH + HO – CH_2C_6H_5$

$$2CH_2 - COOH + 2Na \longrightarrow 2CH_2 - COONa + H_2\uparrow$$
$$\quad | \qquad\qquad\qquad\qquad\quad | $$
$$\quad NH_2 \qquad\qquad\qquad\qquad NH_2$$

5. $H_2N - CH_2 - COONa + HCl \longrightarrow H_2N - CH_2 - COOH + NaCl$

$H_2N - CH_2 - COOH + HBr \longrightarrow BrH_3N - CH_2 - COOH$

6. $BrH_3N\text{-}CH_2\text{-}COOH + HO\text{-}CH_2C_6H_5 \longrightarrow 3BrH_3NCH_2COOCH_2C_6H_5 + H_2O$

2. Tripeptidiň 37,8 gr massasy gidroliz edilende diňe bir aminokislota emele gelýän bolsa hem – de ol aminokislotanyň massasy 45 gr deň bolsa, onda tripeptidiň gurluşyny şeýle kesgitlemek bolar.

a) 45 gr AK – 37,8 gr TP = 7,2 gr H_2O;

7,2 gr H_2O ———— 37,8 gr TP

36 gr H_2O ———— x gr TP

x = (36x37,8)/7,2 = 189 gr/mol/3 = 63 gr/mol;

b) Molýar massasy 189 gabat gelýän tripeptidiň düzüminde molýar massasy 63 deň bolan aminokislotanyň üç sany galyndysy bolup, onuň üstüne hem suwuň iki molekulasynyň massasyny goşsak, alarys:

189 + 36 = 225 gr/mol;

Soňky alnan sanyň üçden biri aminokislotanyň massasyna deňdir:

225/3 = 75 gr/mol:

Bu aminokislota bolsa — glisin, ýa – da α – aminosirke kislotasydyr.

Tripeptidiň gurluşy aşakdaky ýalydyr:

$$CH_2 - CO - NH - CH_2 - CO - NH - COOH$$
$$|$$
$$NH_2$$

3. α – aminokislotanyň we birlenji aminiň garyndysynyň (3:1 mol) 16,3 gr massasy 36,5 % HCl ergininiň 20 gr massasy bilen täsirleşip bilýän bolsa, onda garyndynyň we mukdar (massa paýynda) düzümini şeýle kesgitläp bolar:

a) Ilki bilen ergindäki kislotanyň massasyny hasaplalyň:

100 gr erginde ———— 36,5 gr HCl bar

20 gr erginde ———— x gr HCl bar

x = (20x36,5)/100 = 7,3 gr HCl

b) Bolup geçýän täsirleşmeleriň mysaly deňlemelerini ýazalyň:

$$R - CH - COOH + HCl \longrightarrow [R - CH - COOH]Cl$$
$$\quad | \qquad\qquad\qquad\qquad\quad | $$
$$\quad NH_2 \qquad\qquad\qquad\qquad NH_2$$

$$R - NH_2 + HC1 \longrightarrow [R - NH_3]C1$$

ç) Meseläniň şerti boýunça 4 mol HC1 täsirleşmä gatnaşmaly. Şol 4 mol HC1 massasy 146 gr deň bolar. Onda biz şeýle proporsiý düzüp, düzümine 4 mol madda degişli bolan garyndynyň massasyny tapyp bileris:

20 gr HCl ———— 16,3 gr garyndy
146 gr HCl ———— x gr garyndy
x = (146x16,3)/2C = 118,99 (119) gr

d) Şol garyndynyň düzümine degişli maddalaryň düzüminde deň sanda uglerod atomlary bar bolsa, onda 119 massaly garyndyny düzüminde uglerodyň ikiden köp bolmadyk sanda atomlaryny saklaýan maddalar bolmaly. Ol maddalar bolsa, glisin we etilamindir.

$CH_2 - COOH$ $\quad$ $C_2H_5 - NH_2$
$|$
NH_2

Ol ikisiniň bilelikdäki täsirleşmä gatnaşan massasy 120 deň. Şonuň üçin alnan eksperimental maglumatlarda belli bir derejede ýalňyşlyklaryň bolmagy mümkin.

XIV baba degişli meseleleriň çözlüşi.

1. Onuň 4 sany izomeri, ýagny:
1,2,3 – trimetil pirrol; 1,3,4 – trimetil pirrol we olaryň aýna izomerleri ýaly gönüşleri bar.

2. 4 – nitropiridiniň $C_5H_4N - NO_2$ täsirleşmeleri:

$$C_5H_4N - NO_2 + 6H \longrightarrow C_5H_4N - NH_2 + 2H_2O$$
$$C_5H_4N - NO_2 + HOH \longrightarrow [C_5H_4NH - NO_2]^+ + OH^-$$
$$C_5H_4N - NO_2 + HCl \longrightarrow [C_5H_4NH - NO_2]Cl$$

3. Onuň üç izomeri bolup biler, ýagny:

2 – butil purin, 6 – butil purin, 8 – butil purin.

XV baba degişli meseleleriň çözlüşi.

1. 28,2 gr massasy bolan fenoly kislotanyň gatnaşmagynda artykmaç alnan formaldegid bilen gyzdyrlanda geçýän täsirleşme netijesinde suwuň 5,116 gr massasy emele gelen bolsa, onda emele gelen polimeriň molýar massasyny şeýle kesgitlemek bolar:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$$H_4C_6 - H + O + H - C_6H_4 \longrightarrow H_4C_6 - CH_2 - C_6H_4 + H_2O$$

(OH, OH, OH, OH; CH_2)

M_{C6H5OH} = 94 gr/mol; M_{dimer} = 200 gr/mol;
M_{H20} = 18 gr/mol; m_{C6H5OH} = 188 gr;
m_{dimer} = 200 gr; m_{H2O} = 18 gr.

b) Indi bolsa emele gelen polimeriň molýar massasyny hasaplalyň:
28,2 gr C_6H_5OH ——— 5,116 gr H_2O
188 g r C_6H_5OH ——— x gr H_2O
x = (188x5,116)/28,2 = 34,1 gr H_2O

18 gr H_2O ——— 200 gr/mol
34,1 gr H_2O ——— x gr/mol
x = (34,1x200)/18 = 378,89 = 379 gr/mol

Meseläniň jogaby: 379 gr/mol.

2. A madda – bu etandyr C_2H6, B madda bu – etilendir C_2H_4, C madda bolsa polietilendir. Täsirleşmreler aşakdaky ýaly geçýärler:

$$C_2H_6 \longrightarrow C_2H_4 + H_2$$

$$nC_2H_4 \longrightarrow (-CH_2-)n$$

3. Kalsiniň karbidini suw bilen täsirleşdirip alnan gazyň kadadly şertlerde ölçenen 1.12 *l* göwrümini nahar duzunyň 2,925 gr massasy bolan kükürt kislotasynyň artykmaç mukdary täsirleşdirilende emele gelen gaz bilen täsirleşdirilende emele gelen onüm polimeriň 2,2 gr massasyny emele getirip polimerleşen bolsa, onda polimeriň formulasyny we täsirleşmäniň önümininiň çykymyny şeýle hasaplamak bolar:

a) Ilki bilen täsirleşmäniň deňlemesini ýazalyň:

$$CaC_2 + 2H_2O \longrightarrow C_2H_2\uparrow + Ca(OH)_2$$
$$H_2SO_4 + 2NaC1 \longrightarrow Na_2SO_4 + 2HCl\uparrow$$
$$C_2H_2 + HCl \longrightarrow C_2H_3C1$$
$$nC_2H_3Cl \longrightarrow (-CH_2-\underset{\displaystyle Cl}{\underset{|}{CH}}-)n$$

n_{C2H2} = 1 mol; M_{NaCl} = 58,5 gr/mol; M_{HCl} = 36,5 gr/mol;
M_{C2H3Cl} = 62,5 gr/mol; V_{C2H2} = 22,4 1; m_{NaCl} = 117 gr;
m_{HCl} = 73 gr; m_{C2H3Cl} = 62,5 gr.

b) 117 gr NaCl ——— 73 gr HCl
2,925 gr NaCl ——— x gr HCl
x = (2,925x73)/1117 = 1,825 gr HCl

ç) 22,4 *l* C_2H_2 ——— 36,5 gr HC1
x *l* C_2H_2 ——— 1,825 gr HCl
x = (l,825x 22,4)/36,5 =1,121 C_2H_2

d) 22,4 *l* C_2H_2 ———— 26 gr
1,121 C_2H_2 ———— x gr
x = (1,12x26)/22,4= 1,3 gr.

y) 1,825 + 1,3 = 3,125 gr polimer emele gelmeli. Emele geleni – 2,2 gr. Onda önümiň çykymyny şeýle hasaplaýarys:

3,125 gr ———— 100%
2,2 gr ———— x %
x = (2,2x100)/3,125 = 70,4%.

Meseläniň jogaby: 70,4 %.

Mazmuny: